***Mälim bolşy ýaly, gurýan, döredýän döwlet kuwwatlydyr. Şoňa görä-de, şähergurluşygyň milli nusgasy hökmünde ykrar edilen Arkadag şäheri guwandyryjy ösüşlerimiziň, milli döwletlilik ýörelgelerimiziň dabaralanýandygynyň aýdyň güwäsidir. Sebitde deňi-taýy bolmadyk bu şäher türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň binagärlik paýhasyndan we yzygiderli tagallasyndan kemal tapdy. Ýakynda täze şäheriň iki ýyllygy mynasybetli dabaralaryň ýokary ruhubelentlikde geçirilip, oňa bagtyýar halkymyzyň, ýaş nesillerimiziň işjeň gatnaşmagy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.***

Ähli babatda nusgalyk Arkadag şäheri dünýä binagärliginiň öňdebaryjy gazananlaryny we tehniki üstünlikleri özünde jemleýär. Ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda bolşy ýaly, Arkadag şäheriniň gurluşyk senagatynda amala aşyrylýan işler hem häzirki döwrüň talabyna doly laýyk gelýär. Bu «akylly» megataslama häzirki zamanyň ýaşamak we işlemek, dynç almak üçin iň amatly şäherleriniň biri hökmünde bütin dünýäde ykrar edilýär. Muny «akylly» şäheriň häzirki wagta çenli halkara sylaglaryň ençemesine mynasyp bolmagy hem aýdyň tassyklaýar.

Hemmämiziň ýadymyzdadyr, geçen ýylyň 29-njy iýunynda asman jisimlerini öwrenýän «Kosmos-Ýer» jemgyýetiniň alymlarynyň Arkadag şäheriniň açylmagynyň bir ýyllygy mynasybetli hem-de bu şähere bolan buýsanjyň we guwanjyň nyşany hökmünde asman giňişligindäki ýyldyzlaryň birine «Arkadag» diýip at goýmaklary möhüm taryhy waka boldy. Şunda watandaşlarymyzy ýyldyz baradaky maglumat bilen tanyşdyrmak maksady bilen, asman jisimine «Arkadag» adynyň dakylandygyny tassyklaýan güwänamany, şeýle hem teleskopy we onuň düşüren suratlaryny ýurdumyzyň baýry ýokary okuw mekdepleriniň biri bolan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetine gowşurmak hakynda çözgüt kabul edildi.

Arkadag şäheri Milli Liderimiziň başlangyçlary hem-de döwlet Baştutanymyzyň tagallalary bilen täze taryhy döwrümiziň beýik işlerine şan berip, milli buýsanjymyzy has-da artdyrýar. Goý, mähriban halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen nusgalyk işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Uzykjemal ARTYKOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026